Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: Durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatynda Merkezi we Günorta Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmak meselelerine aýratyn üns berildi we sebitara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ýollary, ulag-logistika ulgamynda bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi, maýa goýum mümkinçilikleriniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirmek bilen, döwletara, sebitara we halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berýär. Hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlary parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyna, ählumumy abadançylygyň, rowaçlygyň, gülläp ösüşiň bähbidine dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydygyny görkezýär. Geçirilen maslahat hem halkara ähmiýete eýe bolmak bilen, Türkmenistanyň sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlarynyň ykrar edilýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy. Sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk durnukly ösüşi üpjün etmekde strategik ähmiýete eýedir.

Merkezi we Günorta Aziýa sebitinde halkara taslamalary işjeň amala aşyrmak, hyzmatdaşlygyň köptaraply ulgamyny ýola goýmak üçin giň mümkinçilikler bar. Ýurdumyz sebitde energetika, ulag we üpjünçilik ulgamlarynyň taslamalaryny işjeň durmuşa geçirýär, dünýä döwletleri, iri halkara düzümler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Munuň özi geosyýasy we geoykdysady taýdan uly ähmiýete eýe bolup, sebitde energetika howpsuzlygyny, üstaşyr ulag geçelgeleriniň arabaglanyşygyny üpjün etmekde, milli hem-de sebitleýin taslamalara maýa goýumlary işjeň çekmekde möhüm ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, ykdysadyýetimizi dünýäniň ösen tejribelerinden ugur alyp, köpugurly esasda ösdürmek bilen bagly öňde duran wajyp wezipeler milli maksatnamalarymyzyň hem esasyny düzýär.

Sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolupdy we häzirki döwürde hem şeýle bolmagynda galýar. Sebäbi islendik ýurduň ösüşi we howpsuzlygy köp derejede ony gurşap alýan geosyýasy we geoykdysady ýagdaýlara bagly bolýar. Umumy geografik giňişlikde ýerleşýän ýurtlar bilen syýasy, ykdysady we medeni ugurlarda ösdürilýän hyzmatdaşlyk olaryň arasynda özara düşünişmek ýörelgelerine eýerýän gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna şert döredýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz köptaraplaýyn sebit we sebitara hyzmatdaşlygyň alnyp barylmagynyň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistan üçin şeýle hyzmatdaşlygyň geografiki ýerleşişi we Merkezi Aziýa döwletleriniň hem-de onuň bilen goňşy sebitleriň taryhy umumylygy uly ähmiýete eýe bolmak bilen bir hatarda, anyk geosyýasy we geoykdysady şertler hem köp

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025

derejede öz täsirini ýetirýär.

Dünýä ykdysadyýetiniň şu güni we geljegi nukdaýnazaryndan seljerilende, durmuş-ykdysady meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegine zerurlyk döreýär. Munuň esasy sebäbini hödürlenýän halkara taslamalaryň amala aşyrylmagynda ýüze çykýan töwekgelçilikli ýagdaýlary kemeltmekde we olaryň öňüni almakda bilelikdäki tagallalaryň netijesiniň ýokary bolýandygy bilen düşündirmek bolar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan özüniň ykdysady diplomatiýasynyň çäklerinde doly möçberli we oňyn hyzmatdaşlygy alyp barmak bilen, ykdysadyýet, söwda, energetika, ulag- aragatnaşyk, syýahatçylyk çygyrlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin dünýä bileleşiginiň dykgatyna täze çemeleşmeleri we teklipleri hödürleýär. Ykdysady çygyrda amala aşyrylýan sebitleýin hyzmatdaşlyk dünýä tejribesinde şeýle gatnaşyklaryň netijeli görnüşleriniň biri hökmünde özüni görkezdi.

Şu öňegidişliklerden ugur aly, şular yaly il-ýurt bähbitli, halkara sebitara ähmiýetli işleri öňe sürýändigi üçin Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa çuññur minnetdarlygymyzy bildirýäris. Goý, olaryñ jany sag, tutýan şeýle ajaýyp işleri mydama rowan alsyn!

**Mährijemal ÝAZGYLYJOWA**
**Türkmenistanyñ Oguz han adyndaky**
**Inźener-tehnologiýalary uniwersitetiniñ mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025